# Haşhaşynlar

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Haşhaşynlar HAŞHAŞYNLAR




Haşhaşynlar – XI–XIII asyrlarda dürli yklymlarda işjeň hereket eden, ysmaýyly-nizaritleň döwletiniň aýratyn dini-harby guramasynyň agzalary. Olaryň esasy galalary, mesgenleri häzirki döwürde Eýranyň we Siriýanyň çäklerinde ýerleşýän daglarda eken.
Yslamyň şaýy mezhebiniň ysmaýylylar akymynyň köre-kör ynançlara durky-düýrmegi bilen berlen bu wekilleri, öz duşmanlaryna garşy aç-açan göreşmekden gaça durup, gizlinlikde hem öte rehimsiz hereketleri amala aşyrypdyrlar.
Haşhaşynlaň gülläp ösen döwri hasaplanýan, olaryň taryhda iň adybelli we ilkinji Dag Gojasy (Haşhaşynlaň ymamy, dini, syýasy we harby baştutany) – Hasan ibn Sabbahyň (Hasan as-Sabbah, Hasan-i-Sabbah, 1050-1124ý.) döwründe, olaryň esasy garşydaşy Yslamyň sünni mezhebine eýerijiler tarapyndan dolandyrylýan Seljuk soltanlygy bolupdyr.
Taryha ezber, gizlin ganhorlaryň guramasy hökmünde giren haşhaşynlaryň (haşşyşynlaryň) atlandyrmasy, taryhy ýazgy çeşmelerinde XII asyryň başlarynda ýüze çykypdyr. Mysal üçin,

Fatymy halyfy Al Emiriň dolandyran ýyllaryna degişli 1122-nji ýylda ýazylan taryhy ýazgylaryň birinde siriýada ýaşaýan ysmaýyly-nizaritler ilkinji sapar “haşişiýýa” diýen adalga bilen atlandyrylypdyr. Soňra olar babatda bu adalga seljuk seneýazgysy bolan Nusrat al-fatrada (1183ý.), soňra taryhçylar Abu Şamyň (1267-nji ýylda ýogalan) we Ibn Muýassaryň (1278-nji ýylda ýogalan) seneýazgy işlerinde ulanylypdyr.

Alamut (haşhaşynlaň baş galasy, “Bürgüdiň höwürtgesi” diýmek), döwründe, pars nizaritlerem şol eýýamyň seneýazgylarynda “haşyşylar” diýlip atlandyrylypdyr.

Ýöne, ýokarda agzalan taryhy ýazgylaryň hiç birinde-de haşhaşynlaryň bu adynyň, soňky ýyllarda olar babatda çaklanyşy ýaly, olaryň haşhaşy (neşe ösümligi, kenep, neşe, gaşiş) ulanýandyklaryndan gelip çykandygy hakynda maglumat ýok ekeni. Şol döwürlerde, “haşyşyýýa” diýen adalga, kemsidiji manyda, ýagny “garaçylar, garamaýak halk, astky gatlak” ýa-da “kapyr ýekirilenler, dinsiz merdudlar” diýen manylarda ulanylypdyr (Дафтари Ф. Краткая история исма’илизма: Традиции мусульманской общины / Пер. с англ. Л. Р. Додыхудоевой, Л. Н. Додхудоевой. — М.: АСТ, Ладомир, 2004. — 288 с. — (Историческая библиотека)).

XII asyryň başynda nizaritleň haçparazlar bilen ilkinji çaknyşyklary başlanypdyr. Şol döwürde-de, siriýaly ysmaýyly-nizaritleň ymamy Raşid ad-Din Sinanyň (1163-1193) zamanasynda, günbatarly seneýazgyçylaryň hem jahankeşdeleriň işlerinde, “haşyşy” diýen arap düşünjesinden gelip çykan “assasin” diýen adalga duş gelmäge başlaýar.

Bu adalganyň gelip çykyşy hakda ýokarda beýan edilendäkiden tapawutly ýene-de bir nukdaýnazar: ol arapça: “hasanyýun”, ýagny “hasanylar (hasanyň eýerijileri, müritleri)” diýen manyny aňladan sözden emele gelip, birinji Dag Gojasy — Hasan ibn Sabbahyň okuwyna gol ýapýanlary aňladypdyr ( Петрушевский И. П. Ислам в Иране в VII—XV вв (Курс лекций). — М.: Издательство Ленинградского университета, 1966).

Ýöne, Günbatarda “assasinler” diýip ady tutulýan meşhur gizlin ganhorlar, “haşhaşynlaň” atlandyrmasynyň gelip çykyşy hakyndaky iň ýörgünli we ynama mynasyp çaklama, olary taýynlamakda we olara serpaýlamakda ulanylan neşe ösümligi haşhaşyň (kenebiň, gaşişiň) peýdalanylmagy bilen baglydyr.

Ysmaýylylara ýaşlygynda goşulan Hasan ibn Sabbah, soňra Müsür-Fatymy halypalygynyň paýtagty Kaýirde bolup, ol ýerde okap,

ysmaýyly-nizarit akymy boýunça daýi – wagyzçy, mugallym, halypa derejesini alýar.
1080-nji ýylda ol öz töweregine köp sanly müritleri toplap, özbaşdak beglik gurmagyň kül-külüne düşýär. 1090-njy ýylda ol Günbatar Eýranyň dag etraplarynda ýerleşen, Gazwin şäherine ýakynlykdaky, belent gaýada gurlan Alamut galasyny söweşsiz eýelemegiň hötdesinden gelipdir. Şol ýyllaram onuň yzyna eýerijiler Kuhistandaky birnäçe şäherleri, Rudbar we Kumys jülgelerindäki galalary, Liwanyň we Siriýaň (Şam ýurdy, Halap ülkesi) dag etraplaryndaky birnäçe galalary basyp almagy başarýarlar. Şonda-da ysmaýyly-haşhaşynlaň döwleti döredilýär we onuň taryhy tä 1256-njy ýylda, mongollar tarapyndan Alamut galasy hüjüm edilip alnyp, soňam ýer bilen ýegsan edilýänçä dowam edipdir.
Haşhaşynlaň şeýle uzak wagtlap netijeli hereket eden gizlin aňtaw we ganhorçylyk guramasynyň şowlulygy hut Dag Gojasy – Hasan ibn Sabbahyň döreden ulgamynyň hyzmatydyr.
Ol ilki bilen tutuş Ýewraziýa we Afrika yklymlarynda üstünlikli hereket eden, maglumat ýygnamaga gönükdirilen gizlin aňtaw gullugyny döredýär. Onuň bu ýaşyryn aňtaw ulgamynyň esasy birlikleri hökmünde-de, dürli ýurtlaryň nijeme şäher-obalarynda netijeli hereket eden ysmaýyly-nizarit wagyzçylary, olaryň baran ýerinde döredýän öz messebine eýerijileriň toparlary çykyş edipdir.
Söwdagärleň hyzmatkärleri, döwlet emeldarlarynyň, atly-abraýly begzadalaň gulamlarydyr hyzmatkärleri, hökümdarlaryň, häkimleriň köşklerinde gulluk eden dürli derejeli pynhan müritler, adaty ýaşaýjylar Dag Gojasynyň dünýäden habarly bolmagyny we oňa dürli ýollar bilen toplanan iň syrly maglumatlaryň gelip gowuşmagyny üpjün edipdir.
Haşhaşynlaň baş galasy we ilkinji hem-de ondan soňky Dag Gojalarynyň hemişelik ýaşaýan mekany bolan Alamutda, Hasan ibn Sabbah gizlin aňtawçylary, ýaşyryn ganhorlary taýýarlamagyň mekdebini döredipdir.
Bu mekdebe belli bir wagt tapgyrynda her iki-üç ýüz adamdan bäş-on adam saýlanyp alnypdyr. Dalaşgärler seçilende olaryň diňe bir surnukdyryjy türgenleşiklere döz gelmäge ukyplydygy däl, eýsem olary zerur pikirlere, ynançlara uýdurmagyň aňsatlygy ýaly ölçeglerden ugur alnypdyr. Çünki, Hasan ibn Sabbahyň haşhaşynlary taýýarlaýan mekdebi, diňe bir hemme taraplaýyn türgen, pynhan urşujy-ganhorlary däl, ilkinji

nobatda onuň üçin islendik pursatda janyny bermäge taýýar, aňrybaşy wepadar pidaýylary taýynlamaga niýetlenipdir.
Hut şu maksat bilenem, saýlanyp alnan dalaşgär, Alamut galasynyň içerki howlusyna goýberilmezinden öňünçäsi, oňa gizlin ylymlaryň öwrediljekdigi, ýöne şol ylymlar öwredilip başlanandan soň oňa haşhaşynlaň jemagatyndan diri çykyp gitmäge hiç hili mümkinçiligiň ýokdugy berkden-berk duýdurylypdyr.
Dag Gojasy hakyndaky rowaýatlaryň birinde, Hasan ibn Sabbahyň köptaraplaýyn bilimdar adam bolandygy sebäpli, dürli ylymlary özleşdirmäge mümkinçiligi bolup, kesekileriň tejribesinem hiç haçan inkär etmän, gaýta ony özüne arzylap kabul edendigi hakynda aýdylýar. Mysal üçin, ol haşhaşynlary – geljekki pidaýylary seçip-saýlap alanda gadymy hytaý söweş sungat mekdepleriniň usulyýetinden peýdalanypdyr. Şol usulyýetde dalaşgärleri elekden geçirmek ilkinji synaglar başlanmazyndan kän öň amala aşyrylypdyr.
Haşhaşynlaryň guramasyna agza bolmak isleýän jahyllary ýapyk derwezäň öňünde birnäçe günden başlap birnäçe hepdä çenli saklapdyrlar. Şeýdip olaryň sabyr-kanagaty hem yhlasy barlanandan soňra, olaryň arasyndan iň tutanýerlileri Alamut galasynyň içki howlusyna çagyrylypdyr. Ol ýerde dalaşgärleri ýene-de birnäçe günläp ýarym aç-suwsuz, daşdan sowuk örtükde, galadakylaryň agzyndan galany bilen oňňut edip, sowuk ýagşyň hem-de garyň astynda durmaga mejbur edipdirler. Diňe şol synaga döz gelenlerinden soň dalaşgärler galanyň içerki binalaryna goýberilipdir.
Wagtal-wagtal bolsa Alamudyň içki howlusynda Hasan ibn Sabbahyň müritliginiň birinji derejesini geçen şägirtleri peýda bolup, dalaşgärlere paýyş sögüp, olary masgaralamaga, hatda urup-ýençmäge-de başlapdyrlar. Şeýtmek bilenem olaryň haşhaşynlaryň hataryna goşulmak isleginiň näderejede güýçlüdigi hem synmazdygy barlanypdyr. Şol synaglaryň dowamynda dalaşgär islendik pursatda ýerinden turup, ol ýerden gitmäge hakly ekeni.
Diňe şol synaglaryň birinji aýlawyndan üstünlikli geçen dalaşgärler Dag Gojasynyň öýüne girmäge hukuk gazanypdyrlar. Şondan soň olary ýuwundyryp, iýdirip-içirip, täze geýim-gejim beripdirler. Soňam olaryň öňünde “özge durmuşyň derwezesini” açyp, olary okatmaga başlapdyrlar.
Haşhaşynlar hakynda ýene-de bir rowaýata görä, olar Beýik

Seljuk soltanlygynyň baş weziri Nyzam al-Mülki öldüren pidaýy Bu Tahyr Arranynyň jesedini söweşip, alyp gaçyp, ony musulmançylyk däp-dessuryna laýyklykda jaýlapdyrlar. Soňam Hasan ibn Sabbahyň emri bilen Bu Tahyr Arranyň we onuň pidasy Nyzam al-Mülküň atlary bürünçden tagta oýulyp, ol tagta-da Alamut galasynyň derwezesine çüýlenipdir. Rowaýata görä, soňra şol bürünç tagta ýyllaryň geçmegi bilen birnäçe esse ulaldylypdyr. Sebäbi ol tagta-da haşhaşynlaryň "gahryman ganhorlarynyň" we olaryň beýik pidalary bolan patyşalaryň, korollaryň, wezirleriň, ymamlaryň, soltanlaryň, markizleriň, graflaryň, gersoglaryň we beýlekileriň atlary ýüzlerçä ýakynlapdyr.
Haşhaşynlar özleriniň söweşjeň toparlaryna tebigy taýdan kuwwatly, çalasyn, başarjaň ýigitleri saýlap alypdyrlar. Esasanam olar ýetimleri öz işlerine çekmäge ymtylypdyrlar. Çünki haşhaşynlaryň hemmesinden şz maşgalalary, ýakynlary bilen hemişelik arany üzmek talap edilipdir. Ysmaýylylaryň nazarylar (haşhaşynlar) akymyna goşulandan soň adamyň janam, tenem, durmuşam tutuşlygyna Dag Gojasynyň erkine geçipdir. Olar Hasan ibn Sabbahy "Beýik Hökmürowan (Hökümdar)" diýip atlandyrypdyrlar. Bu ömürlik başbitin sadyk gulluklary üçinem Dag Gojasy olara behişdiň baglarynda ebedilik eşreti wada beripdir.
Hasan ibn Sabbah pidaýylary (ölümine boýunalyk ganhorlary, kamikadzeleri) taýýarlamagyň örän ýönekeý, ýöne juda netijeli usulyýetini oýlap tapypdyr. Dag Gojasy öz öýüni – Alamut galasyny "Jennete barýan ýoldaky birinji basgançak" diýip yglan edipdir. Öz yzyna eýerijileriň erkini, tankydy dünýägaraýşyny, adamlaryň her birine mahsus bolan tebigy müňkürligini düýpgöter ýok etmek derejesinde küteltmek üçinem Dag Gojasynyň geçirýän wagyzlarynda, köpçülikleýin mynajat-seždelerinde-de olara gatnaşýanlara tirýekli, kenepli (haşhaşly) suwuklyk içirilipdir. Şeýle çäreler geçirilýän jaýlarda tirýekdir haşhaş tütedilipdir.
Soňra neşe serişdelerini täsiri bilen ýarymmelul ýa-da doly melul ýagdaýa düşen adamy – geljekki pidaýyny emeli ýasalan "Erem bagyna" göterip geçiripdirler. Ol ýerde-de oňa uçmahyň hüýrlerini şekillendirýän görmegeý gyzlar, zenanlar, meý-şerapdan, nazy-nygmatlardan doly desterhan garaşypdyr. Neşeden seri sämäp duran juwanyň daşyny gurşan gyzlar onuň gulagyna, onuň eger-de Dag Gojasynyň emrini berjaý edip, söweşde wepat

bolsa, ýene-de bu ýere dolanyp geljekdigi hakyndaky sözleri pyşyrdap, onuň başyny-gözüni aýlapdyrlar.
Şol “Erem bagynda” birnäçe sagatlap aýşy-eşretde bolandan soňra “jennetiň hüýrleri” oňa ýene-de uky dermanyny beripdirler. Geljekki pidaýy uka gidensoň bolsa, ony ýene-de göterip, öňki alan ýerlerine geçiripdirler. Ukudan açylansoň dalaşgär özüniň hakykatdanam jennetde bolandygyna ynanypdyr. Onsoň onuň psihikasynda neşe serişdeleriniň, emeli gurnalan “Erem bagynyň” täsiri bilen düýpli özgerişlikleri bolup geçip, onuň üçin hakyky dünýäň manysy ýitipdir. Onuň hemme arzuw-hyýaly, pikiri-zikiri ýene-de şol “ajaýyp jennete dolanyp baryp, hüýrlerdir datly nygmatlaryň arasynda ýaýnamak” bolupdyr. Şol küýsegli yhlasyny wysal etmek üçini ol hemme zada taýýar pidaýa öwrülipdir.
Dag Gojasy özüni weli derejesine göteripdir. Haşhaşynlar bolsa ony Allanyň ýerdäki wekili, Onuň mukaddes erkiniň Jarçysy hasaplapdyrlar. Hasan ibn Sabbah diňe öz emrine tabynlykda gurban bolan halatlarynda olaryň dowzahdan namut, jennnete baryp düşjekdikleri hakyndaky pikiri öz müritleriniň aňyna guýupdyr. Ol hemişe diýen ýaly: “Jennet gylyçlaryň kölegesindedir” diýen jümläni gaýtalap ýörüpdir. Şeýdibem, bir tarapdan neşe serişdeleriniň üznüksiz täsirinde, ikinji tarapdan “emeli uçmahyň” psihiki illýuziýasynyň täsirinde, üçünji tarapdanam üznüksiz psihiki we psihologiki hüjümde gezen, beýnisi bekemedik juwan – haşhaşynlar ölümden gorkmag-a beýle-de dursun, olar hatda Dag Gojasynyň şanyna islendik pursatda pida bolmagy tüýs ýürekden küýsäpdirlerem.
Hasan ibn Sabbahyň öz döwründe emeli hadysalary ýasamagyň ussady bolupdyr. Maglumatlara görä, ol öz yzyna eýerijileri hem-de ýanyna gelýän myhmanlary aňk ediji “gudrat” görkezmek üçin bir usuly ulanypdyr. Alamut galasynyň köp sanly otaglarynyň biriniň astynda pynhan çukur bar ekeni. Şol çukuryň üstünde-de ullakan mis mejime goýlan ekeni. Şol mis mejimäňem ortarasyndan kelle sygar ýaly deşik deşilgi eken. Onsoň “gudrat” görkezilmeli pursaty, Hasan ibn Sabbahyň buýrugy bilen onuň iň ynamdar daýileriniň (pidaýylaryň baştutany, Dag Gojasynyň baş şägirdi) biri çukura girýärmiş-de, ýaňky deşikden kellesini çykarýarmyş. Onsoň şol kelläni ýörite çalgy-boýaglar bilen boýap, ony edil jesediň kellesine birme-bir meňzedýärmişler. Soňra şol otaga ýaş dalaşgärleri ýa-da myhmanlary girizenlerinde, garaňky burçdan duýdansyz

peýda bolan Hasan ibn Sabbah, şol kelläň üstünden mata perdäni aýryp, syrly dogany okap, oňa dem salmaga, çüflemäge başlaýarmyş. Birdenkä-de öli kelle gözüni açyp, gepläp ugraýarmyş. Onsoň şol kellä-de Hasan ibn Sabbah we onuň idin bermegi boýunça otagda duran beýlekiler jennet barada, dünýä barada sowal berýärmişler. Kelle-de şol soraglaryň hemmesine Hasan ibn Sabbahyň okuwyny, aýdanlaryny tassyklaýjy jogaplary berýär eken. Käte bolsa bu “gudrat” has ynandyryjy bolar ýaly, şol “öli kelläni” onuň eýesiniň göwresinden hakykatdanam çapyp aýryp, ony “gudratyň” görkezilen gününiň ertesi Alamut galasynyň derwezesiniň gapdalynda syha dürtüp goýýarmyşlar.
Hasan ibn Sabbahyň adamlaryň gözüne çöp atmak üçin ulanýan ýene-de bir eý görýän usuly – oňa birnäçe meňzeş keşpli adamlar bolupdyr. Onsoň şeýle “ekiztaýlaryň” birini ol özüniň näme edýändigine düşünmez derejede neşeden doýrup, ýüzlerçe haşhaşynlaryň gözüniň alnynda oňa öz-özüni otladyrypdyrlar. Dag Gojasynyň özüniň düşündirmegine görä ol şeýle usul bilen asmana – behişde göterilýärmiş. Ertesi gün bolsa Hasan ibn Sabbah öz görýän “mugjyzasyna” aňk bolan haşhaşynlaň öňünde sag-salamak sypatda peýda bolar eken.
Şol döwrüň çeşmeleriniň birinde, Hasan ibn Sabbahyň ýewropaly patyşalaryň biriniň ilçisiniň öňünde müritleri babatda öz hökmürowanlygyny görkezmek üçin elini salganda, galanyň diwarynda duran sakçylaryň biriniň şol belentlikden çuň gorpa sagynman özüni dikbaşaşak oklandygy hakynda maglumat galdyrylypdyr.
Alamutda haşhaşynlaryň “aňyýet taýdan” taýýarlygyndan başga, olaryň beden taýýarlygyna-da iňňän uly üns berlipdir. Geljekki pidaýy-haşhaşyn ýaragyň ähli görnüşlerine ussatlyk bilen eýelik etmäge ukyply bolmaly ekeni – mergenlik bilen ýaýdan ok atmak, gylyçlaşmak sungaty, pyçak zyňmak, ýaragsyz, boş el-aýak bilen söweşmek…bu ugurlaryň hemmesi boýunça-da dalaşgärler bilen tejribeli urşujylar üznüksiz türgenleşikleri geçiripdirler.
Ondan başga-da haşhaşynlara dürli zäherleriň häsiýetleri, olardan nädip peýdalanmalydygam öwredilipdir. Dalaşgärleri ençeme sagatlap, jöwzada-da, aňzak ýelde-de, galaň diwaryna ýelmeşip, gymyldy-hereketsiz durmaga endik etdiripdirler. Onsoňam uzagyndan umumy türgenleşikleriň dowamynda has ukyply şägirtler saýlanyp alnyp, olaryň her haýsyny anyk bir sebitde (ülkede, ýurtda) hereket etmäge ýörite taýýarlapdyrlar. Şeýle

aýratyn taýýarlanýan pidaýylara olaryň hereket etjek ýurtlaryndaky diller, däp-dessurlar, edim-gylymlar öwredilipdir, olar edil şol ýurtlaryň adamlaryndan dynnymça-da tapawutlanmaz ýaly geýinmäni, geplemäni we özüňi alyp barmany çuňňur özleşdiripdirler.
Ondan başga-da haşhaşynlara hakyýýa-zittilik (artistlik, parodistlik) sungatyny öwretmäge-de aýratyn uly ähmiýet berlipdir. Gysga wagtyň içinde bir keşpden başga keşbe, bir sypatdan başga sypata geçmek ussatlygy haşhaşynlaryň söweşjeň ussatlygy bilen bir hatarda goýlupdyr. Olar Dag Gojasynyň emrine tabynlykda nobatdaky ganhorluga ýa-da içalylyga gidenlerinde sergezdan darbazçy-wäşiler toparam, ykmanda keşişlerem, tebibem, derwüşem, söwdagärem, hakyna tutma esgerem, dabirem (hatdat, mürze, kätip) we ş.m. islendik keşbe doly ynandyryjy girmegi başarypdyrlar.
Adatça, Dag Gojasynyň emri berjaý edilenden soňra haşhaşynlar hatda öz jenaýat eden ýerlerinden gaçyp gizlenjegem bolmandyrlar. Olar dessine öz janlaryna kast edipdirler ýa-da umytsyz söweşe okdurylyp, bahymrak wepat bolmaga ymtylypdyrlar. Haşhaşynlara orta asyrlarda başgaça “sabbahylar”, “dag galasynyň adamlary” hem diýipdirler. Olar jenaýat edenlerinden soň ele düşen halatlarynda-da jelladyň girisinde näçe ezýet çekselerem düzüwli maglumat habar bermän, neşe serişdeleriniň täsiri bilen agyryny duýmaz derejede samrar ekenler.
Dag Gojasy hakyndaky myş-myşlar gaty bahym yslam dünýäsinden daşary çykyp, Ýewropa ýaýrapdyr. Orta asyrlarda Ýewropada haşhaşynlaryň öňbaşçylaryny “dag şyhlary” diýip, howatyrlanma bilen atlandyrypdyrlar.
Haşhaşynlaryň guramasynyň iýerarhiki gurluşy bar ekeni. Guramanyň iň aşaky gatlagynda adaty agzalar – pidaýylar – Dag Gojasynyň hökümlerini ýerine ýetirijiler bolupdyr. Olar köre-kör tabynlyk düzgüninde hereket edipdirler we eger-de şeýle gullugyň birnäçe ýylyndan soň diri galmagyň hötdesinden gelseler ikinji derejä – uly mürit – rafyk derejesine galdyrylypdyrlar. Haşhaşynlygyň üçünji derejesi bolsa – daýi bolupdyr. Daýiler Dag Gojasynyň şahsy şägirtleri bolup, hut şolaryň üsti bilen rafyklardyr pidaýylara onuň erki mälim edilipdir. Haşhaşynlygyň dördünjisi basgançagy bolsa “daýi al-kirbal” bolupdyr. Olar “Şyh Al-Jabalyň”, ýagny Dag Gojasynyň orunbasarlary bolupdyrlar. Şol döwürler Alamut galasy merkezi

bolan Nyzary döwleti Dag Gojasynyň erkine doly tabyn üç sany daýi hem-de bäş sany ymam tarapyndan dolandyrylypdyr.

Reşideddiniň “Seneýazgylarynda” haşhaşynlaryň hökümdarlygynyň ýüz ýetmiş ýedi ýyllap, ýagny 477-nji hijri ýylyndan (1084/85-nji milady ýylyndan) 654-nji hijri ýylyna (1256-njy milady ýylyna) çenli dowam edendigi bellenilýär. Şol ýyllarda-da olaryň sekiz sany şyhy – Dag Gojasy hökümdarlyk edipdir:

1. Hasan ibn Aly ibn Muhammet as-Sabbah al-Himýary;
2. Kiýa Buzurg-Umyd;
3. Muhammet ibn Buzurg-Umyd;
4. Ymam Hasan Ala Zikrihi’s-Salam;
5. Ymam Nur ad-Din Muhammet;
6. Ymam Jelal ad-Din Hasan;
7. Ymam Ala ad-Din Muhammet;
8. Ymam Rukn-ad-Din Hurşah ibn Ala ad-Din.

Şonda mongol goşunlary Alamut galasyny zabt edip alyp, ol ýerdäki ähli haşhaşynlary ýok edipdirler. Galany bolsa düýp-teýkary bilen ýumrupdyrlar. Munuň sebäbem, rowaýata görä haşhaşynlaryň soňky şyhy Çingiz hanyň agtygy, Ugedeý kaganyň ogly Munke hany öldürmek üçin äpet Mongol imperiýasynyň sähradaky paýtagty Garagoruma pidaýy ugradypdyr. Ol pidaýam mongol hökümdarynyň janpenalary – turgaudlaryň eline düşüp, hanyň jellatlary ony kimiň, näme üçin ugrandygyny aýtdyrmagyň hötdesinden gelipdirler.

*Dürli internet maglumatlarynyň esasynda, terjime edilip taýýarlandy.* Taryhy makalalar